# Gazagystanda näme bolýar?

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Gazagystanda näme bolýar? GAZAGYSTANDA NÄME BOLÝAR?




Orta Aziýada syýasy taýdan iň durnukly ýurtlaryň biri hasaplanan Gazagystandaky ykdysady esasly demonstrasiýalar bir demde halk hereketine öwrüldi. Köçeler bulaşan badyna komplimasiýa teoriýaçylarynyňam güni geldi: nämemiş – iň uly günäkär «daşarky güýçlermiş». Ýagdaý şeýle bir derejä geldi welin, Türkiýedäki hökümete ýapjalyk edýän käbir habar beriş serişdeleri «Gazagystany FETÖ-çylar bulaşdyrdy» diýerlik derejede samramaga başlady. Bu tasa gelmejek teoriýalaryň barsy ýeke-täk adamyň režimine öwrülen hökümetler üçin gazak halkynyň başdan geçirýän ykdysady kynçylyklary we syýasy gysyşlary sebäpli köçä çykma ähtimallygyndan örän «amatly» elbetde.
Emma Gazagystanyň içerki dinamikalaryna seredilende, bolup geçýänleriň astynda düýpli korrupsiýa torlarynyň bardygyny ýurduň baýlyklarynyň diňe bir gatlagyň peýdasyna ulanylandygyny görmek bolýar. Tebigy baýlyklara baýdygyna, tutýan meýdanynyň uludygyna garanda ilaty az Gazagystanda halkyň gozgalaňy garyplykdan gözbaş alýar. Nazarbaýewiň onlarça ýyllap gönüden-göni, soňky birküç ýyldan bärem perde aňyrsyndan dolandyran ýurdunda halk garaşsyzlygynyň başky ýyllarynda ýurduň baýlyklaryndan azam bolsa paýyny aldy. Bu ýagdaýam Gazagystanyň ösüşiniň özi ýaly tebigy baýlyklara eýe däl beýleki Orta Aziýa respublikalaryndan öňe saýlanmagyna sebäp boldy. Ykdysadyýetiň görnetin gowy ösýän döwründe hiç kim Nazarbaýew hökümetiniň «demir ýumrugyna» kän ses çykarmady we ýurtda syýasy durnuklylyk agalyk etdi. Emma COVID-19

pandemiýasynyñ ykdysady ösüşi haýallatmagy, guraklygyñ gök önümleriñ goruny azaltmagy, inflýasiýanyñ Gazagystanyñ şertlerinde ýetjek soñky derejesine ýetmegi, üstünde oturylan nebit känlerine garamazdan ýurtda elektrik togunyñ ýygy-ýygydan kesilip durmagynyñ adaty zada öwrülmegi häzirki bolup geçýän demonstrasiýalaryñ ilkinji kerpiçlerini goýdy.

- **Ýagdaýdan peýdalanjak bolýanlar…**

Köçeler bulaşansoñ, içerde-de, daşarda-da bu bulaşyklykdan peýdalanjak bolýanlar bolar, elbetde. Meselem, içerki syýasatda hut Nazarbaýewiñ öz bellän Prezidenti Tokaýewiñ ilkinji eden işi hökümetdäki «Nazarbaýew täsirini» azaltmak boldy: demonstrasiýalara berlen birinji jogap Nazarbaýewiñ Döwlet Howpsuzlyk geñeşiniñ başlygy, ýakyn garyndaşynyñam başlygyñ orunbasary wezipesinden boşadylmagydy. Tokaýew özüniñ belländigine garamazdan, öz üstünde «Nazarbaýewiñ kölegesini» berip duran hökümetiñem apparaty boşatmagyny gazandy. Görnüşi ýaly gazak prezidenti bu bulaşyklykdan Nazarbaýewiñ toparyny «agzy ganly möjek» yglan edip, güýçlenip çykmagyñ kül-külünde. Onuñ bu niýeti amala aşarmyka? Muny köçe hereketleriniñ netijesi görkezer. Tokaýewiñ ýene bir hereketi bolsa, Gazagystanyñ agzasy bolup durýan «Kollektiwleýin Howpsuzlyk Guramasyny» (KHG) kömege çagyrmagydy.

KHG Russiýanyñ başyny çekýän, Orta Aziýa geografiýasynda NATO bloguna alternatiwa hökmünde gurlan harby gurama.

Edil NATO-nyñ düzgünnamasyndaky 5-nji maddadaky görkezilişi ýaly, KHG-nyñ düzgünnamasynyñ 4-nji maddasynda-da agzalaryb biri howp astynda bolsa, beýlekileriñ kömege gelmegi göz öñünde tutulýar. Emma bu madda howpuñ daşardan gelen ýagdaýynda güýje girýär. Demonstrasiýaçylaryñ hötdesinden gelip bilmedik Tokaýewiñ «daşarky güýçler» we «terrorizm» sözlerine ýapyşmagynyñ sebäbi-de şu: Eger hadysalara «içerki bulaşyklyk» diýip at berilse, hukuk taýdan KHG-dan kömek sorap bolanok. KHG-nyñ Gazagystana girmegi Orta Aziýada kimiñ hojaýyndygyny-da ýer ýüzüne görkezmegi taýdanam üns bererliklidir. Türkiýäniñ öñbaşçylygynda geçen ýylyñ ahyrynda täzeden janlandyrylan, Gazagystanyñam işjeñ agzasy bolan TDG-y Moskwada gaşlaryñ gerilmegine sebäp bolupdy. Gazagystandaky

bulaşyklykda TDG-nyñ täsiriniñ kagyzyñ ýüzünde galyp, Russiýa merkezli KHG-nyñ wakalara gönüden-göni goşulmagy Mokswanyñ sebitde elini hasam güýçlendiren üýtgeşme boldy.

- **Günbataryñ täsiri barmy?**

Aýdylýan sözlerde «daşarky güýçler» ritorikasy agdyklyk edende, başga bir şübheliniñem Günbatar blogy bolmagy gutulgysyzdyr. Russiýa bilen Ukraianyñ üstünden harçañlaşýan ABŞ-nyñ öñbaşçylygyndaky Günbatar blogunyñ syýasy taýdan Gazagystana burnuny sokan ýagdaýynda iñ köp peýda görjek tarap boljagyny-da aýtmak mümkin. Russiýanyñ ünsüniñ Günbatardaky Ukrainadan Gündogardaky Gazagystana gönükmegi Putin-Baýden döwresinde ABŞ-nyñ elimi güýçlendirjek başga bir unsur. Diñe Russiýa däl, Belorussiýa üçinem şeýle ýagdaý gaýtalanýar, Belorussiýanyñam goşun ýollap, ünsüni Gazagystana ýöneltmegi Lukaşenkonyñ Moskwa bilen koordinasiýa ýagdaýynda Ýewropany bosgunlar arkaly ynjalykdan düşürme prosesini paltalamaga ilgezik. Gazagystandaky wakalaryñ nirä gönükjegi belli däl, emma şu wagta çenli bolup geçen üýtgeşmeler ýurtda Nazarbaýewiñ kölegesiniñ aýryljakdygyny, ýurduñ Russiýanyñ gep-gürrüñsiz «mellek ýeri» boljakdygyny görkezýär. Galanyny wagt görkezer…

Zeýnep GÜRJANLY.

08.01.2022 ý. Publisistika